# Hellouin baýramy näme?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hellouin baýramy näme? HELLOUIN BAÝRAMY NÄME?

*Günbatar Ýewropa ýurtlarynda bellenilýän Hellouin baýramy näme? Bu baýramyň ilkinji bolup nirede we haçan döräpdir? Hellouini kimler belleýär? Bu baýramda çagalar näme edýär? Hellouin baýramyny bellemek günämi? Geliň, şu soraglara hemmämiz bilelikde jogap gözläliň.*

Hellouin baýramy her ýylyň 31-nji oktýabrynda bellenýän, ilkinji nobatda paganistik, soň-soňlar hristian gelip çykyşlydygyna garamazdan biziň günlerimize çenli sekulýar baýramçylyga öwrülibilipdir.
Bu baýramçylykda çagalar köplenç iniňi tisgindiriji gorkunç egin-eşikler geýip, gapyma-gapy aýlanyp süýji-köke toplapdyr. Biziň döwrümizde dini elementlerden biraz arassalanan görnüşde giňden bellenilýän baýramçylyklaryň birine öwrülen bu belli gün her ýylyň 31-nji oktýabrynda bellenýär.
Hellouin baýramy pagan ynanjynda tomsuň ahyrky güni we gyş paslynyň başlangyjyny alamatlandyrýandygy üçin 31-nji oktýabrda bellenilip geçilýär.

■ Hellouin baýramy nädip döredi?

Hellouiniň düýp köki gadymy Britaniýada butparaz keltleriň bellän Samhain festiwalyndan gelip çykýar. Keltler 1-nji noýabry tomsuň ahyry, gyşyňam başy hasaplardyrlar. Samhain sözüniň manysy köne irland dilinde sam – tomus, fuin – soňy diýen diýmekligi aňladýar. Bu senede sürüler öri meýdanlardan dolanyp gelýär. Ýer eýeleri bilen ýeri kärendesine almak baradaky ylalaşyklar täzeden baglaşylýar. Şol günde hususanam ölüleriň ruhlarynyň öň dirikä ýaşap giden jaýlaryna gelip gidýändigine ynanylypdyr. Alaňlaryň üstünde, öýüň ojagynda erbet ruhlary kowmak üçin uly-uly it ýakylypdyr. Adamlar ikiarada gezip ýören ruhlara tanalmazlyk üçin maskadyr her

dürli gorkunç penjek geýipdirler. Bu dessurlar sebäpli Samhain festiwaly wagyñ geçmegi bilen jadygöýler, goblinler, periler we iblisler bilen baglanyşdy. Biziñ günlerimiziñ haý-haýly amerikan kinofilmleriniñ birnäçesinde şolar ýaly «Super gahrymanlara» we kino personažlara ýygy-ýygydan duş gelmek bolýar.
Tomsuñ ahyry keltlerde şol bir wagtyñ özünde maşgala gurlup, ölüleriñ hatyralanýan ylahy wagty bolupdyr. Rimliler I asyrda keltleriñ ýaşaýan ýerlerini basyp alanlarynda özleriniñ ölüm festiwaly Feraliýany we hasyl festiwaly Pomonany Samhain bilen birleşdirdiler.
VII asyrda Rim papasy Bonifak IV her ýylyñ 13-nji maýynda bellenýän Apostollar günümi pagan festiwalynyñ bellenýän güni bolan 1-nji noýabra geçirdi. Apostollar gününe geçilýän gije (31-nji oktýabrdan 1-nji noýabra) mukaddes gün hasap edildi we günbatar dillerindäki Hellouin (holy evening – mukaddes) ady şundan döredi.
Orta asyrlaryñ ahyrlarynda sekulýar baýramçylyklar bilen hristian baýramy biri-birine ymykly garyşdy. Ýewropadaky Reformalar döwründe, hususanam protestant hristianlaryñ arasynda Hellouin baýramyny bellemek düýbünden galdy. Britaniýada bolsa sekulýar baýramçylyk hökmünde bellenmäge dowam etdi. Amerika heniz Britaniýanyñ koloniýasyka, birnäçe gadagan edilen baýramçylyklar ýaly Hellouin hem gadagan edilipdi. Şol sanda 1800-nji ýyldan soñ Hellouinden alamatlary göterýän hasyl baýramy bellenip başlandy. XIX asyrda irlandiýalylar başlyklaýyn Britaniýadan Amerika göçen köp sanly emigrant Hellouin baýramynda geýilýän egin-eşiklerini hem getirdiler. Şeýdip Hellouin baýramy ABŞ-da çagalar tarapyndan bellenýän baýramçylyga öwrüldi. Hellouniñ nyşany haýwankädidir.

■ Adamlar bu baýramda näme edýär?

Hellouin baýramynyñ iñ esasy simwoliki keşbine öwrülen ýüzi çyzyk-çyzyk we «eýmenç» şekillerde şekillendirilen haýwankädidir.

Haýwankädiniñ içi köwlüp, ýylgyryp duran ýüz şeklinde iki göz oýulyp, içine-de bir şem ýakylýar. Hellouin gününde iñ köp ulanylýan zadam almadan edilen şekerdir. Şol gün çagalar gapy-gapy aýlanyp öý eýelerine «oýun gerekmi, şeker?» diýip soraýarlar. Eger öý eýesi şekeri saýlasa, çagalar gorkunç eşikleri bilen her dürli gülkünç oýunlary edýärler. Bu gorkunç eşikler käte juda gowy bejerilip, uly ýaşlylary hem gorkuzyp biljek derejelere ýetipdir. Hut şu epizod hem amerikanlaryñ gorkunç temaly kinofilmleriniñ birnäçesinde işlenýär. Hellouin baýramy amerikan medeniýetinde uly ýer tutýar we olaryñ üsti bilen dünýä halklarynyñ arasynda hem bellenilip geçiler ýaly hala gelmek üçin her dürli täsirli ýollara baş urulýar. Mundan sanlyja ýyl öñem, ylmy intelligensiýadyr, käbir okumyş adamlary hasaba almasak, türkmen halkynyñ arasynda Hellouin baýramynyñ adyny-soruny bilýän ýok diýen ýalydy. Emma ösüşiñ raketa çaltlygy, telewideniýe we internet serişdeleri bilmeýän zatlarymyzy bilmäge, görmeýän zatlarymyzy görmäge, eşitmeýän zatlarymyzy eşitmäge mümkinçilik döretdi. Hut şu ýazgylary taýýarlap durkamam, elektron salgymyza «Hellouin baýramyñ gutly bolsun!» diýip birnäçe hat gelendigini haýran galmak bilen (dogrusy gynanç bilen) belläp geçmek isleýärin. Çünki geçen agşam (31-nji dekabr) Söýgüli Pygamberimiziñ (s.a.w) doglan aýy bolan dört tirkeşikleriñ üçünji aýy Rebigilowal aýynyñ ilkinji günüdi we bir musulman bu aýyñ başlanandygyny başga bir musulman doganyna buşlasa, Pygamberimiziñ (s.a.w) tä kyýamat-ahyra çenli onuñ üçin doga etjekdigi barada hadyslar bar. Biz janymyzdan eziz görmeli Serwerimiziñ (s.a.w) doglan aýynyñ girendigine üns beremzok, köpümiziñ habarymyzam ýok. Emma birmahallar butparaz keltleriñ bellän baýramyny gutlaşjak bolup başagaý bolup ýörüs…
Aslynda bu baýramyñ düýp gelip çykyşynda, ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly, britaniýaly garyp-pukaralaryñ «ruh dilegçiligini» toplama dessury ýatyr. Uly ýaşlylar şol gije şüweleñ gurnaýarlar. Käbir musulman ýurtlarda, mysal üçin Türkiýede-de Hellouin baýramy bellenilýär. Ýöne türklerde Amerikadyr Günbatar Ýewropa ýurtlarynda bellenilşi ýaly däl-de, diñe dynç alynýan sektorlaryñ çäginde gurnalýar.

Şüweleñiñ konsepsiýasy gorkuzmak, üýşendirmek esasynda bolsa-da isläm adam islän eşigini geýýär. Zombiniñ keşbine girjek zombi bolup biler, eger «Karib deñziniñ garakçylary» kinofilmimiñ baş gahrymany kapitan Jek Serçäniñ keşbine giresiñ gelse, baş üstüne, «Jek Serçe» hem bolup bilersiñ.
Siziñ her biriñiz Hellouin baýramynyñ biziñ durmuşymyza kem-kemden aralaşyp barýandygyny görmek isleseñiz az salymlyk töweregiñize göz aýlañ. Tomaşa eden kinofilmleriñizi, okan kitaplaryñyzy ýatlañ. Teleseriallar, broşýuralar, kompýuter oýunlary ýaly añymyza yzygiderli we periodiki ýagdaýda «hüjüm edýän» täsirli serişdeler arkaly Hellouin baýramyny wagyz edýän edebiýatlar örç alyp barýar. Hellouin baýramy müñlerçe proza eserlerine, teleseriallara, kitaplara, kompýuter oýunlaryna we başga eserlere tema bolup hyzmat edýär. Çagalaryñ telefonda oýnaýan «Call of Duty» atly oýun hem hut Hellouin temasynda taýýarlanan mobil oýunlaryñ biridir.

■ Hellouin baýramyny bellemek günämi?

Hut Hellouin baýramy barada Gurhanda aýdylan anyk aýat ýok, onuñ döreýiş taryhy hakynda haýsydyr bir aýatyñ bolmagy mümkinem däl. Emma Hellouiniñ yslamyýetdäki ornuny kesgitlemek kyn däl. Butparaz paganistik ynançdan döräp, soñ-soñlar üstüni hristian medeniýeti bilen dolduryp, biziñ günlerimize gelip ýeten baýramdygy sebäpli, dinimize we türkmençilige yhlasly çemeleşýän her bir mömin-musulman Hellouin baýramyny oñlamajagy görnüp duran zat. Şeýle-de bolsa, ýörgünli saýtlarda ýaşlaryñ özara pikir alyşmalarynda «bellemegiñ hiç hili zyýany ýok» ýa-da «hiç hili bellemek bolanok» diýen ýaly teswirlere duşmak bolýar. Diýmek, Hellouini belläp-bellemezlik babatda, häzirki ýaşlar iki topara bölünýär.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Edebi makalalar